# Oba goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Oba goşgusy Nurgözel AKMYRADOWA

▶ OBA GOŞGUSY

Seni küýsäp gelýän, arzyly obam,
Topragyňa goýupdyryn örkümi.
Göwnüm nagyşlapdyr seniň jemalyň,
Synlap durun syratyňy-görküňi.

Ah, sende şeýle bir gudrat bar eken,
Ýüregime kanagaty ekýäň sen.
Her ädimiň, her bakyşyň nur eken,
Bagtym bolup maňlaýymdan çykýaň sen.

Akaryňda ýüzýär arzuwym guw deý,
Çeşmelerňe sesim goşup gülüşýän.
Säher näzik gunçalarňy ogşamda,
Ak bäbek, päk gelin ýadyma düşýär…

▶ TELWAS

Säheriň göwsünde ýüpeksow howa,
Dünýäme dolupdyr ruhum bolup.
Kalbymy eýelän nätanyş owaz,
Meni alyp barýar asmana galyp.

Mähir-muhabbetiň öwsen şemaly,
Duýgularmy sypalaýar birgeňsi.
Mende dünýäň bar söýgüsi jem ýaly,
Yşk bolup görünýär ýeriň gül meňzi.

Näzik duýgularma agtarýar jogap,
Özümi özümiň elinden alyp.
…Säheriň göwsünde ýüpeksow howa,
Dünýäme dolupdyr ruhum bolup.

▶ GOJA GÜJÜM

Goja güjüm ~ söýgimiziñ şaýady,
Goja güjüm ~ yşkymyzyñ sowaly.
Ine, señ gaşyña salama geldim,
Alkyşlaýan, herne dilim senaly.

Saña öz yşkymy paýlasym geldi,
Gör-ä, seniñ yşk bazaryñ sowlansoñ.
Saña ýaprak bolup ýaýrasym geldi,
Gözel dünýäñ göwresinde doglamsoñ.

Ýene seni küýsäp dolandym, söýgim,
Belki-de yhlasym gorap gidendir.
Birwagt ýüzüm ýelpän şahalaryñdan,
Şemal meniñ yşkym sorap gidendir. Goşgular